THE
ASHGABAT
TIMES

# Türkmenistan-Türkiýe parlamentara dostluk toparynyň agzalarynyň Türkiýe Respublikasynyň Beýik Millet Mejlisiniň Içeri işler boýunça komitetiniň başlygy bilen duşuşygy

23-nji oktýabrda Türkmenistan-Türkiýe parlamentara dostluk toparynyň agzalarynyň Türkiýe Respublikasynyň Beýik Millet Mejlisiniň Içeri işler boýunça komitetiniň başlygy jenap Süleýman Soýlu bilen duşuşygy boldy.

Türkmenistanyň Mejlisiniň wekili hemişelik Bitarap döwletimiziň halkara giňişliginde öňe sürýän başlangyçlary, şeýle hem Türkmenistanyň Mejlisiniň kanunçykaryjylyk işiniň ileri tutulýan ugurlary bilen tanyşdyrdy.

Duşuşygyň dowamynda taraplar iki ýurduň arasyndaky parlamentara hyzmatdaşlygyň ösdürilmegine ýardam berjek parlamentara dostluk toparlarynyň işiniň kämilleşdirilmegi, ugurdaş komitetleriň, ýaş we zenan parlamentarileriň arasyndaky gatnaşyklaryň işjeňleşdirilmegi barada pikir alyşdylar, şeýle hem parlamentler derejesinde duşuşyklaryň we maslahatlaryň yzygiderli geçirilmeginiň maksadalaýyklygyny bellediler.

Все права защищены Current Date